# Isanyñ Ierusalimdäki soñky günleri

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Isanyñ Ierusalimdäki soñky günleri ISANYÑ IERUSALIMDÄKI SOÑKY GÜNLERI




Ierusalim şäheri birinji asyrda jöhit durmuşynyñ merkezidi. Şäher Isa pygamberiñ ömrüniñ we durmuşynda bolan iñ möhüm wakalaryñ käbiriniñ geçen ýeridi. Mysal üçin, «Täze Ähtiñ» Injilleri Isanyñ ybadathanadaky jöhit haj baýramlaryny görmek üçin Ierusalime ýygy-ýygydan gelendigini (köplenç daşky howlularda wagyz edendigini) gürrüñ berýär.
Ol ölüm bilen soñlanan ömrüniñ soñky hepdesini Pasha baýramyna taýýarlyk görüp ýörkä şu şäherde geçiripdir.
Isa şeýle şertlerde halka iñ soñky açyk wagyzyny berdi, ýerli güýçler bilen çaknyşyga girdi, şägirtleri bilen soñky şamlygyny edindi, Getsemanede diýilýän ýerde hasrat çekdi we doga-dileg etdi.
Ahyrynda ölümine, jaýlanmagyna, direlmegine getiren dawalara, gynamalara we haça çüýlenmä sezewar boldy.
Isanyñ durmuşyndaky we missiýasyndaky bu möhüm wakalaryñ ýeri

Ierusalim bolandygy üçin irki Rim döwründe şäheriñ manzarasyna düşünmek, Buşluk gürrüñlerini okamagymyzy köp derejede aýdyñladyp biler.
Isanyñ tanajak Ierusalimi häzirki turistleriñ zyýarat edýän şäherine juda az meñzeýärdi, emma mukaddes ýazgylar, taryhy çeşmeler we arheologik gazuw-agtaryş işleri, Ierusalimiñ birinji asyra degişli aýratynlyklarynyñ jadylaýjy şekilde täzeden göz öñünde janlandyrmaga ýol berýär.


Isanyñ wagyz işleriniñ köp geçen Galile obasy şertleriniñ tersine, Ierusalim, Rim stilli gurluşykdaky, tehnologiýadaky we mümkinçiliklerdäki iñ soñky ülñileri şekillendirip biljek görnüşde Beýik Gerod we onuñ oruntutarlary yarapyndan ýakyn wagtda täzelenen baý we haýbatly şäherdi.
Muña şular degişli:
Ortaýer deñzini erñekleýän ýurtlardan gelýän jöhit hajylaryñ ybadathanada ysraýyl hudaýyna ybadat edip biljek memorial Ybadathana dagy. Elbetde, Isa Ierusalime gidende ybadathana hem baryp görüpdir.
Şäheri goraýan birtopar diwar we gala diwary (Antonia galasy ýaly), teatr we ippodrom ýaly köpçülikleýin ýerler, ýaşaýjylarynyñ artýan isleglerini we yzygiderli zyýaratçy akymyny üpjün etmek üçin şähere suw getirýän suw geçiriji ulgamy, Töwratda agzalýan baýramlary bellemek üçin yzygiderli ýagdaýda şähere gelen jöhit hajylaryñ ritual taýdan çümüp çykmaklary ücin demirgazykdaky Bethesda serhowuzy we günortadaky Siloam serhowuzy ýaly dürli howuzlar. Isanyñ özi

bu howuzlara baryp görüpdir.




Şu döwürde Ierusalimiñ iñ gadymy we iñ wagtlaýyn bölegi Ybadathana dagynyñ günortasyndaky Aşakky şäherdi.
Bazarlary, uly köçeleri, haja gelýänleriñ düşleýän myhmansaraýlary, onçakly göze ilip durmaýan külbeleri bilen birlikde şäheriñ barjamly ýaşaýjylaryndan käbirleri üçin uly jaýlary öz içine alýardy.
Günbatarda Ýokarky şäher bardy – Ierusalimiñ iñ belent we iñ baý bölegi. Gerod bu ýerde howalaly rezidensiýasyny (iki oturymly ganaty, keýp çekilýän howlusy, serhowuzy bilen) gurdy we Ýahudiýanyñ ýokarky synpynyñ agzalary Rim aristokratiýasyna

öýkünmäge synanyşdy.
Ierusalim ybadathanasyny dolandyran ruhanylary-da öz içine alan bu saýlama maşgalalar Pompeý stilli diwar freskalary, gül we geometriki desertli mozaikalar we owadan baglary bilen bezelen şäher willalarynda ýaşaýardylar.
Şeýle hem Rim stilli trikliniýada (zyýarat edilende diwanlara süýnüp bilinjek otaglar) ýokary hilli naharlary iýýärdiler
Bu aristokrat ýaşaýyş-durmuş formasynyñ köpüsi ruhany maşgalalara we Ierusalim ybadathanasynyñ ykdysadyýetine bergili ondan birlikler (десятичная дробь) tarapyndan goldanýandygyndan, Isa Mesih şäheriñ ýokarky synpynyñ garyplary ezmelerini, iliñ gözüne güjeñlenýän baýlygy, gara güýji we jöhit jemgyýetiniñ içinde marjinallaşdyrýanlara garşy eden wagyzlary sebäpli ýazgaryldy.
Ýerli aristokratiýa bilen bolan bu çaknyşyk Isanyñ ömrüniñ Ierusalimde geçen böleginde ýüze çykan galagoply wakalara sebäp boldy.



Isa soñky gijesinde soñky şamlygyny şägirtleri bilen şäheriñ bir ýerinde (Günbatar depesindäki tradision ornuna garamazdan, Aşakku şäheriñ golaý-goltumyndaky ýönekeý öýleriñ birinde bolup biler).
Has soñra Ýokarky şäheriñ baý öýlerinden birinde ýerli ruhany ygtyýarlylar tarapyndan dinden çykmaklykda aýyplanyp sud edildi.
Ertesi irden Isa rimli häkim Pontiý Pilat (megerem, bir wagt Beýik Gerodyñ basyp alan köşgünde dünýä indi) tarapyndan gaýtadan sud edildi.
Isa has soñ çüýlenjek agajyny gala diwarynyñ daşyna göterip äkitmähe mejbur edildi we Golgita ýa-da «kelleçanagyñ ýeri»

ady berilen ölüm jezasyna höküm edilenleriñ jezalandyrylýan ýerinde (şäheriñ demirgazyk-günbatar tarapyndaky taşlanan daş käniniñ ýakynynda bolmagy ahmal) haça çüýlendi.
Isa ölüminden soñ yzyna eýerijiler tarapyndan üçünji gün haý-haýly Direlişine çenli saklanan mazaryna jaýlandy.



Häzir Isanyñ soñky hepdesi bilen baglanyşykly anyk ýerleri hemişe anyk bilmesegem, birinji asyrdaky Ierusalimiñ düýpli aýratynlyklaryny we şäher düzgünini göz öñüne getirmek – «Buşluk» bölümlerini okamagymyz hakda gymmatly maglumatlary berip biler, Isanyñ soñky günlerindäki wakalary janlandyryp Isanyñ soñky hepdesine ýakynlaşmagymyza ýardam edip biler. Edil şol Mukaddes şäherde Kefaratyñ güýjüni duýşumyz ýaly.

Umut ATASEWEN,

gadymydünýä taryhçysy / @atasevenoffica

Şenbe, 09.12.2023 ý. Taryhy makalalar